# Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025

Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň SEN ÝENE-DE MENIŇ DÜÝŞÜME GIRDIŇ

Çarhyn yza aýlap goja pelegiň,
Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň.
Jeren gözli, şirin sözli melegim,
Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň.

Yşk köşgünden arka atyp gülberim,
Gaýdanyma näçe ýyldyr, bilmerin.
Ýa sen meni gözlediňmi dilberim?
Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň.

Söýgi şerbedinden doly pyýala –
Içdim-de, ulaşdym serimsal hala,
Çümdürip oýlara, müň bir hyýala,
Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň.

Käte ýansam yşkyň çogly naryna,
Köşeşýärin bir ýerlerde baryňa.
Kakyp söýgi dutarynyň taryna,
Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň.

Gül kamatyň bilen kalbym eredip,
Ýylgyrýarsyň maňa sary seredip,
Bir mahalky söýgi odun köredip,
Sen ýene-de meniň düýşüme girdiň.

Aprel, 2020 ý. Goşgular